**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 21-nji oktýabryndaky**
**№104 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 11 " Esasy serişdeleriň bar bolany, hereketi we beýleki maliýe däl aktiwler barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

1. № 11 ýyllyk formasy boýunça statistiki hasabaty hojalyk hasaplaşygynda işleýän, özbaşdak balansy bar bolan we edara görnüşli tarap bolan birleşmeler, kärhanalar, guramalar we guramaçylyk-hukuk görnüşine we eýeçilik görnüşine garamazdan, daşary ýurt maýadar kärhanalaryndan başga, hojalyk hasaplaşygynda işlemeýän, emma hojalyk we beýleki täjirçilik işden girdeji alýan guramalar tarapyndan berilýär. № 11 forma ykdysadyýetiň ähli pudaklary, şol sanda oba hojalyk önümlerini öndürýän we oba hojalygyna hyzmat edýän kärhanalar üçin hem ýeke-täk bolup durýar.

2. Formanyň resmikagyzynyň atly (kodly) böleginde HSUK kodyny kärhanany (guramany) Eýeçiligiň we hojalygy dolandyrmagyň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň we guramalaryň statistik sanawynda (registrinde) (HSSS) hasaba almak baradaky statistikanyň territorial organynyň maglumat haty esasynda hasabaty düzýän gurama goýýar. Kärhananyň (guramanyň) pudaklaýyn degişliligi şol kärhananyň (guramanyň) YIGDK boýunça işiniň esasy görnüşine laýyklykda HHPUK boýunça kesgitlenýär.

3. Hasabatda esasy serişdeleriň barlygyny, hereketini we düzümini (010 setir we ondan soňkular) kärhana eýeçilik hukugynda degişli bolan we uzak möhletlilerden başga, kärendä berijiden kärendä alnanlary hasaba almak bilen, uzak möhletleýin kärendä alynýan esasy serişdeler boýunça hem görkezýärler.Uzak wagtlaýyn kärendä alynýan esasy serişdelere kärende şertnamasy (ýa-da kärendä berijiniň we kärendä alyjynyň goşmaça ylalaşygy) kärendäniň möhletiniň tamamlanmagy bilen ýa-da onuň tamamlanmagyndan öň olaryň kärendä alyjy tarapyndan şertnamada şertlendirilen ähli satyn alma bahasynyň tölenmegi şerti bilen soňky agzalanyň eýeçiligine geçmegini (satyn almany) göz öňünde tutýan obýektler degişli. Esasy serişdeleriň barlygynyň, hereketiniň we düzüminiň görkezijilerine (010 setir we ondan soňkular) uzak möhletli kärendä berlen serişdeler we uzak möhletlilerinden başga, kärendä alnan esasy serişdeler goşulmaga degişli däl.

Şol bir obýektler şol bir wagtyň özünde hem kärendä berijiniň, hem kärendä alyjynyň esasy gaznalaryň barlygynyň jemine goşulyp bilmeýärler. Şonuň üçin kärendesine alnan esasy gaznalar olary esasy gazna hökmünde balans hasabynda hasaba alan gurama tarapyndan № 11 formasy görkezilýär.

Kärhananyň, (guramanyň) eýeçiligінde bolan ýer bölekleriniň bahasy esasy serişdeleriň 010 setir boýunça umumy göwrümine goşulmaýar. Diňe 033 setir boýunça görkezilýän topragy gowulandyrmak boýunça harajatlar we ýere bolan eýeçilik hukugynyň geçirilmegi bilen bagly çykdajylar (aklawjylaryň (adwokatlaryň), gozgalmaýan emläk bilen amallar boýunça agendiň we beýleki araçylaryň hyzmatlarynyň tölegi, paçlar we bu amallar bilen bagly beýleki salgytlar) hasaba alynýar.

## 1 Bölüm. Esasy serişdeleriň barlygy, hereketi we düzümi

Kärhananyň esasy serişdeleriniň ählisinden (010 setir) işiň esasy görnüşiniň serişdeleri (020 setir), beýleki pudaklaryň önümçilik esasy serişdeleri (040 setir) we beýleki pudaklaryň önümçilik däl esasy serişdeleri (050 setir) bölünip aýrylýar.

020 setirde şol önümleriň (hyzmatlaryň) önümçiliginde ýa-da şol önümçilik däl hyzmatlar ýerine ýetirilende ulanylýan, YIGDK boýunça pudaga degişli bolan esasy serişdeler hasaba alynýar.

Önümçilik kärhanalary bu setirde özleriniň önümçilik işiniň esasy görnüşiniň serişdelerini, önümçilik däl kärhanalary bolsa – önümçilik däl işiniň esasy görnüşiniň serişdelerini görkezýär.

Formanyň YIGDK boýunça 1000 „Oba hojalygyna hyzmat etmek“ köp pudakly kärhanalar esasy işi boýunça diňe „Oba hojalyk“ pudagynyň esasy serişdelerini görkezýär.

Irrigasiýa we meliorasiýa ulgamlaryny ulanmak boýunça guramalar 020 setirde diňe ulanyş işi bölegindäki esasy serişdeleri görkezýär. Öz balansynda kömekçi oba hojalyklary, şeýle hem balykçylyk daýhan birleşikleri bolan oba hojalygyna degişli bolmadyk kärhanalar oba hojalyk maksatly serişdeleri 042 setirde görkezýärler, şunda 043 setirde önümli iş malynyň bahasy bellenýär.

Ady şu kärhananyň işiniň esasy görnüşi bilen gabat gelýän işiň esasy bolmadyk görnüşiniň pudagy üçin niýetlenen setir (meselem, senagat kärhanasy üçin – 041 setir, oba hojalyk kärhanasy üçin – 042 setir, ýaşaýyş jaý hojalygy üçin – 051, setir we ş.m.) doldurylman galdyrylýar.

Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda kärhanalaryň we guramalaryň içerki daşaýyşlary we ýükleýiş-düşüriş işlerini, üpjün ediş-satyş işini amala aşyrýan düzümleýin bölümçeleri (sehler, ussahanalar, bölümler), özbaşdak balansa bölünip aýrylmadyk aragatnaşyk guramalary we nokatlary, maşyn-hasaplaýyş beketleri, bazalar we ammarlar, şeýle hem kärhananyň (guramanyň) dolandyryş gulluklary (bölümleri) şu kärhanalaryň we guramalaryň esasy işleri boýunça hasaba alynýar. Gurluşyk guramalarynda işiň esasy görnüşiniň serişdelerine mehanizasiýanyň bazalary we dolandyryşlary, taslama we barlag guramalary we potrat işleriniň önümçiligi bilen doly ýa-da esasan bagly bolan beýleki önümçilik bölümçeleri degişli.

Esasy kärhana hyzmat edýän özbaşdak kärhanalar we guramalar aýratyn hasabat düzýärler. Şeýlelik bilen, awtoulag kärhanalary, önümçilik-tehnologik toplumlama dolandyryşlary, gurluşyga hyzmat edýän, gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmeýän we edara görnüşli tarap bolup durýan beýleki kärhanalar hasabaty gurluşyk boýunça däl-de, işiň degişli görnüşi boýunça berýärler.

Ýaşaýyş jaý hojalyk guramalary özleriniň ýaşaýyş jaýlaryny 022 setirde, beýleki pudaklaryň kärhanalary we guramalary bolsa – 052 setirde görkezýärler. Şunda şol jaýlaryň ýaşalmaýan böleginiň (dükanlaryň, beýleki kärhanalaryň, ýaşaýyş jaý kontoralarynyň, bölümleriniň we ş.m.) görkezilen setirlerden aýrylmalydygyny göz öňünde tutmak gerek.

Ýaşaýyş jaýlaryna ýaşaýyş jaý gaznasyna girýän binalar (umumy maksatly, umumy ýaşaýyş jaýlary, mekdep-internatlarynyň, çagalar öýleriniň, garrylar we maýyplar üçin öýleriň ýatalga binalary) we ýaşaýyş jaý gaznasyna girmeýän ýaşaýyş binalary (jaýlary) (tomus ýaýlasy (daçasy), bag öýjagazlary, göçürilýän şit öýjagazlary, wagonjyklar, jaýlar, ýaşamaga ýaramly edilen demir ýol wagonlarynyň, gäminiň wagonlary we kuzowlary we ş.m.) degişli.

Ýol hojalyk guramalary 024 setir boýunça olaryň balansynda duran umumy ulanyşly awtoulag ýollaryny görkezýärler. Umumy ulanyşly ýollar gurluşyk guramalarynyň balansynda 2-nji bölümiň 049 setiriniň maglumatlaryna goşulýar we 024 setir boýunça görkezilmeýär. 1-nji bölümiň 1-nji sütünde esasy serişdeleriň ýylyň başyndaky ýagdaýyna görä doly balans gymmaty boýunça şöhlelendirilýär. Esasy serişdeleriň doly balans gymmaty

bolup geçirilen gaýtadan bahalandyryşlaryň barşynda ýa-da degişli kanunçylyk namasynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda üýtgedilen olaryň ilkibaşky gymmaty çykyş edýär. Esasy serişdeleriň hasabat ýylynyň başyndaky ýagdaýyna görä doly balans bahasy baradaky maglumatlar, kada boýunça geçen ýyl üçin esasy gaznalaryň bahasy baradaky 1-nji bölümiň 10-njy sütündaky maglumatlara gabat gelmeli. Aýry-aýry ýagdaýlarda maglumatlar guramaçylyk we beýleki üýtgemeleriň hasabyna tapawutlanyp bilýär. Bölümiň 2-nji sütüninde hasabat ýylynda esasy serişdeleriň umumy gelip gowuşmagy şöhlelendirilýär: maliýeleşdirişiň ähli çeşmeleri boýunça, şol sanda bankyň karzynyň hasabyna işe girizilen täze esasy serişdeler; öň hasaba alynmadyk serişdeler, aýlanyşyk serişdelerinden esasy serişdelere geçirilenler, tölenip satyn alnanlar we fiziki we ýuridiki şahslardan muzdsuz gelip gowşanlar. Görkezilen sütünden hasabat ýylynda işe girizilen esasy gaznalar barada maglumatlar aýrylýar we 3-nji sütünde hasaba alynýar.

4-nji sütünde hasabat ýylynda esasy serişdeleriň umumy hasapdan aýrylmagy doly bahasy boýunça (könelme aýrylmazdan) şöhlelendirilýär: ýok edilen (hasapdan öçürlen) esasy serişdeler; esasy serişdelerden dolanyşyk serişdelere geçirilenler, artykmaç ulanylmaýan emlägi ýerlemegiň tertibine görä töleg esasynda satylanlar we muzdsuz berlenler.

5-nji sütünde hasabat ýylynda hasapdan öçürlen esasy serişdeleriň doly bahasy görkezilýär, 9-njy sütünde bolsa – şol esasy serişdeleriň könelmegi, emma olaryň ulanylan döwrüniň tutuş dowamynda toplanany görkezilýär.

6-njy sütünde ýylyň ahyrynda esasy gaznalaryň barlygy doly balans bahasy boýunça şöhlelendirilýär. Esasy gaznalaryň ýylyň ahyryna barlygy olaryň ýylyň dowamynda gelip gowuşmasyna görä artdyrylan we hasapdan çykarylmagyna görä azaldylan ýylyň başyna barlygyna deň (süt.6=süt.1+süt.2-süt.4)

7-nji sütünde esasy gaznalaryň ýylyň ahyry ýagdaýyna görä barlygy galyndy balans bahasy boýunça hasaba alynýar. Esasy gaznalaryň galyndy bahasy olaryň doly balans bahasyndan degişli obýektleriň ulanylyp başlanandan bäri tutuş döwründe hasaplanan hasaphana könelmäniň aýrylmagy we esasy gaznalaryň geçirilen gaýtadan bahalandyrylyşynyň netijesinde olaryň üýtgemelerini hasaba almak bilen kesgitlenýär.

Hasaphana hasaba alyş boýunça hereket edýän kadalaşydyryjy namalara laýyklykda, esasy serişdeleriň bahasynyň öwezi olaryň peýdaly ulanylan möhletiniň dowamynda amortizasiýany hasaplap çykarmak arkaly dolunýar. Şunda amortizasiýa hasaplanyp goşulýan esasy serişdeleriň (gaznalaryň) aýratyn hasaba alynmagy göz öňünde tutulmaýar. Statistik hasaba alyşda bu gaznalaryň galyndy balans bahasynyň azalmagy olaryň amortizasiýasynyň möçberinde hasaba alynýar.

Esasy serişdeleriň amortizasiýa hasaplanyp goşulmaýan, emma hasaphana hasabynda könelmesiniň hasaby ýöredilýän görnüşleri boýunça, mysal üçin, ýaşaýyş jaý gaznasy, daşky abadanlaşdyryş obýektleri (balansdan daşary hasaplarda) boýunça, täjirçilik maksatly bolmadyk guramalaryň esasy gaznalary boýunça galyndy balans bahanyň azalmagy hasaphana hasaba alyşda şöhlelenýän könelmä laýyklykda hasaba alynýar.

Hasaphana hasaba alyş boýunça kadalaşdyryjy namalara laýyklykda, statistik hasaba alyşda esasy gaznalaryň ne amortizasiýa, ne-de könelme hasaplanyp goşulmaýan görnüşleri üçin galyndy balans baha olaryň doly balans bahasyna deň hasaplanýar. Doly könelen esasy gaznalar boýunça galyndy baha nula deň bolmaly.

Bölümiň 8-nji sütünde ýylyň ahyrynda hasaplanýan, fakt taýdan diňe hasabat ýyly üçin hasaplanýan, ýylyň ahyryna gaýtadan bahalandyrylmalaryň netijesinde ýüze çykan ütgeşmeleri hasaba almazdan, amortizasiýanyň jemini ýa-da esasy serişdeleriň bahasynyň ýitgisiniň jemini görkezilýär. Ýaşaýyş jaýlarynyň, daşky abadanlaşdyryş obýektleriniň we kärhananyň balansynda duran şuňa meňzeş beýleki obýektleriň könelmegi formanyň 010 setiri boýunça 7, 8, we 9-njy sütünterinde şöhlelenmeli we 022, 024 setirler boýunça deňeşdirilmeli.

Esasy serişdeleriň diňe hasabat ýyly üçin hasplanyp goşulan könelmegini (8-nji grafa) esasy serişdeleriň ulanylyp başlanmagyndan bäri toplanan könelmeden tapawutlandyrmak gerek. Soňkusy esasy serişdeleriň hasabat ýylynyň ahyry üçin galyndy bahasynyň hasaplanyşynda hasaba alynýar (7-nji sütünde).

10 we 11-nji sütünlerde ýylyň ahyryna degişlilikde doly we galyndy balans bahasy boýunça esasy serişdeleriň barlygy baradaky maglumatlar hasabat ýylynyň ahyryna hasaphana hasabatlylygynda şöhlelenýän esasy serişdeleriň gaýtadan bahalandyrylyşy hasaba alnyp getirilýär.

Hasaphana hasaba alşyň maglumatlary boýunça ýylyň ahyryna obýektleriň bahasy üýtgemedik ýagdaýynda, olar 10 we 11 sütünlerde degişlilikde 6 we 7 sütünlerdäky ýaly baha boýunça hasaba alynýar.

## 2 Bölüm. Esasy serişdeleriň bar bolany

Hasabat ýylynyň ahyryna aýry-aýry pudaklar boýunça 1-nji bölümde göz öňünde tutulmadyk önümçilik we önümçilik däl esasy serişdeleriň barlygy görkezilýär. Şunda 040 setiriň 6-njy sütünindäki maglumatlar 1-nji bölümiň 041 we 042 setirleriniň 6-njy sütünindäki we 2-nji bölümiň 044 – 049 setirleriniň 1-nji sütündaky maglumatlarynyň jemine, 1-nji bölümiň 050 sütüniň 6-njy sütündaky maglumatlar bolsa 1-nji bölümiň 051 setiriniň 6-njy sütündaky we 2-nji bölümiň 053 – 059 setirleriniň 1-nji sütündäki maglumatlaryň jemine deň bolmaly.

100 setir boýunça uzak möhletleýin kärendesine alnan we 010 setir boýunça ähli esasy serişdeleriň düzüminde hasaba alnan esasy serişdeler, 102 setir boýunça bolsa – uzak möhletlilerinden başga, kärendesine alnan we 010 setir boýunça hasaba alynmadyk esasy serişdeler şöhlelendirilýär.

101 setir boýunça uzak möhletlilerinden başga, kärendesine berlen we 010 setir boýunça hasaba alnan esasy serişdeler, 103 setir boýunça bolsa – uzak möhletleýin kärendesine berlen we 010 setir boýunça hasaba alynmadyk esasy serişdeler görkezilýär. 104, 105, 106, 110, 112 we 115 setirleri diňe işiň esasy görnüşiniň serişdeleriniň düzüminde ösümlikçiligiň, maldaçylygyň we umumy maksatly esasy serişdeleri, şeýle hem traktorlary, kombaýnlary, beýleki oba hojalyk maşynlary we gurallary, ýük awtoulaglary tapawutlandyrylýan, oba hojalyk önümlerini öndürýän we oba hojalygyna hyzmat edýän kärhanalar doldurýarlar. Şunda 104, 105 we 106 setirleriň jemi 020 setiriň 6-njy sütündaky maglumatlara deň bolmaly.

107 setir boýunça daşky gurşawy goramak boýunça esasy serişdeler, 108 setir boýunça bolsa – irrigasiýa, meliorasiýa we suwlulandyryş desgalary bellenýär.

109, 111, 113 we 114 setirler boýunça maşynlaryň we enjamlaryň esasy toparlary görkezilýär. Şunda 109, 111, 113, 114 setirler 1-nji sütün boýunça maglumatlaryň jemi 1-nji bölümiň 026 setiriniň 6-njy sütündaky maglumatlara deň bolmaly.

116 setir boýunça topragyň gowulandyrylmagy (desgasyz) boýunça düýpli harajatlar şöhlelendirilýär.

## 3 Bölüm. Amortizasiýa we esasy serişdeleriň düýpli abatlaýyş işlerine çykdajylar

Buhgalter hasaba alyş boýunça „Esasy serişdeleriň hasaba alnyşy“ Düzgünnamasyna laýyklykda, esasy gaznalar boýunça amortizasiýa geçirmeleri degişli pul möçberleriniň aýratyn hasapda toplamak arkaly olaryň degişli bolan hasabat döwri üçin hasaphana hasaba alyşda şöhlelendirilýär we guramanyň hasabat döwründäki işiniň netijesine bagly bolmazdan hasaplanyp goşulýar.

Hasaplanyp goşulan amortizasiýanyň pul möçberi hasaphana hasaba alyşda amortizasiýany hasaba alyş hasabyň krediti bilen korrespondensiýada bolan önümçiligiň ýa-da dolanşygyň harajatlaryny (muňa esasy serişdeleriň kärendä berlen obýektleri degişli däl) hasaba alyş hasaplarynyň debeti boýunça şöhlelendirilýär. Kärendä beriji tarapyndan kärendä berlen esasy serişdeler boýunça amala aşyrylýan amortizasiýa geçirimleri amortizasiýany hasaba alyş hasabyň aýratyn kömekçi hasabynda, maliýe netijeleri hasaba alyş hasabyň debeti bilen korrespondensiýada şöhlelendirilýär.

Buhgalter hasaba alşy we hasaphana hasabatlylygy alyp barmak boýunça Düzgünnama laýyklykda, amortizasiýa şu aşakdaky esasy gaznalar boýunça hasaplanmaýar:

- býujet guramalaryň esasy gaznalary,
- esasy gaznalaryň sowgat berme şertnamasy boýunça we hususylaşdyrmanyň barşynda muzdsuz alnan obýektleri,
- ýaşaýyş jaý gaznasy,
-daşky abadanlaşdyryşyň obýektleri we tokaý hojalygynyň beýleki meňzeş obýektleri, gämi gatnawyň ýagdaýynyň ýöriteleşdirilen desgalary we ş.m. obýektler,
- önümli mallar, gäwmişler, öküzler we sugunlar,
- ulanyşa çenli ýetişmedik köp ýyllyk ösümlikler,
- edinilen neşirler (kitaplar, broşýuralar we ş.m.),
- film gaznasyna degişli obýektler, sahna-goýma serişdeleri, haýwanat baglaryndaky we meňzeş beýleki edaralardaky haýwanat dünýäsiniň eksponatlary.

Esasy serişdeleriň býujetden pul goýbermeleriniň ulanylmagy bilen edinilen obýektleri boýunça amortizasiýa geçirimleri hasaplanyp goşulanda, obýektiň bahasy alnan pul möçberleriniň ululygynyň aýrylmagy bilen hasaplanýar.

Eger esasy gaznalaryň gaýtadan guramada we kämilleşdirmede (dikeldişde) bolan döwrüniň dowamlylygy 12 aýdan geçýän bolsa we olaryň 3 aýdan köp möhlete konserwasiýa edilen ýagdaýynda, amortizasiýa hasaplap goşma wagtlaýyn saklanylýar.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, amortizasiýa mobilizasion kuwwatlyklar boýunça hasaplanmaýar.

Ýaşaýyş jaý gaznasynyň gurama tarapyndan girdeji almak üçin ulanylýan we emläge girdejili maýa goýumlary hasaby alyş hasabynda hasaba alynýan obýektleri boýunça amortizasiýa umumy bellenen tertipde hasaplanýar.

Esasy serişdeleriň kärendesine berlen obýektleri boýunça amortizasiýanyň hasaplanmagy kärendä beriji tarapyndan amala aşyrylýar (maliýe kärende şertnamasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, kärhananyň kärende şertnamasy boýunça kärendä alyjy tarapyndan emläk boýunça amala aşyrylýan amortizasiýa geçirimlerinden başga).

Lizing emlägiň amortizasiýasynyň hasaplanmagy lizing şertnamasynyň şertlerine baglylykda lizing beriji ýa-da lizing alyjy tarapyndan amala aşyrylýar.

Bugalter hasabatynyň dügünnamasy kärhanalara amortizasiýa geçirimlerini hasaplamagyň usulyny saýlamak hukugyny berýär. Amortizasiýany çyzykly (deňölçegli) hasaplamak usulyndan başga, guramalar çyzykly däl usullary ulanyp bilerler:

- galyndynyň azaldylmagy;
-bahanyň peýdaly ulanyşyň möhletiniň ýyllarynyň sanlarynyň jemi boýunça hasapdan öçürilmegi;
- bahanyň önümçiligiň (işleriň) göwrümine görä deňölçegli hasapdan öçürilmegi.

Çyzykly usulda amortizasiýa geçirimleriniň ýyllyk pul möçberi esasy gaznalaryň obýektiniň doly balans bahasyndan we amortizasiýanyň şol obýektiň peýdaly ulanyş möhletine esaslanyp hasaplanan kadalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Çyzykly däl usullar bilen amortizasiýa geçirimleriniň ýyllyk hasaplap goşmaly pul möçberi şu aşakdakylara görä kesgitlenýär:

- azaldylýan galyndy usulynda – esasy gaznalaryň obýektiniň hasabat ýylynyň başyndaky galyndy bahasyndan, amortizasiýanyň şol obýektiň peýdaly ulanyş möhletine esaslanyp hasaplanan kadalaryndan we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýän tizlendiriş görkezijisinden (koeffisientinden) ugur alynýar.

- bahanyň peýdaly ulanyşyň möhletiniň ýyllarynyň sanlarynyň jemi boýunça hasapdan öçürilmegi usulynda – esasy gaznalaryň obýektiniň ilkibaşky bahasyndan we sanawjysynda obýektiň gulluk möhletleriniň ahyryna çenli galýan ýyllaryň sany, maýdalawjysynda bolsa – obýektiň gulluk möhletiniň ýyllarynyň sanlarynyň jemi bolan ýyllyk gatnaşykdan ugur alynýar;

- bahanyň önümçiligiň (işleriň) göwrümine görä deňölçegli hasapdan öçürilmegi usulynda – hasabat ýylynda önümçiligiň (işleriň) göwrüminiň hakyky görkezijilerinden we esasy gaznalaryň obýektiniň ilkibaşky bahasynyň we esasy serişdeleriň obýektiniň peýdaly ulanyş möhletiniň tutuş dowamynda önümçiligiň (işleriň) garaşylýan göwrüminiň gatnaşygyndan ugur alynýar.

Hasabat ýylynyň dowamynda esasy gaznalar boýunça amortizasiýa geçirimleriň hasaplanyp goşulmagy muny amala aşyrmagyň ulanylýan usuluna bagly bolmazdan her aý hasaplanan ýyllyk pul möçberiň 1/12 bölegi möçberinde amala aşyrylýar.

Birmeňzeş obýektleriň toparlary boýunça usullaryň biriniň ulanylmagy onuň peýdaly ulanyş möhletiniň tutuş dowamynda amala aşyrylýar.

Esasy gaznalaryň obýektleriniň peýdaly ulanyş möhletlerini reglamentirleýän kadalaşdyryjy namalaryň merkezleşdirilen tertipde çykmagyna çenli, bu möhletleriň we hasaplanyp goşulýan amortizasiýanyň göwrümleriniň kesgitlenmegi hereket edýän kadalaşdyryjy namalara laýyklykda amala aşyrylýar.

1-nji sütünde esasy gaznalaryň hasabat ýylynyň ahyrynda balansda duran, hereket edýän kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda amortizasiýa hasaplanyp goşulmaýan görnüşleriniň doly balans bahasy, şol sanda doly amortizirlenen (könelen) esasy gaznalaryň bahasy şöhlelendirilýär. 2-nji sütünde hasaphana hasaba aşyň maglumatlary boýunça hasabat ýylynyň ahyry ýagdaýyna görä doly amortizirlenenleriň (könelenleriň) doly balans bahasy getirilýär.

3 we 4-nji sütünde guramalar tarapyndan hasabat ýylynda hakykat ýüzünde degişlilikde çyzykly we çyzykly däl usullar bilen hasaplanyp goşulan amortizasiýanyň pul möçberleri görkezilýär. Amortizasiýa hasaplanyp goşulmaýan obýektler boýunça hasaphana könelme şu grafada şöhlelenmeýär.

Esasy serişdeleriň obýekti boýunça amortizasiýa geçirimleri bu obýektiň hasaphana hasaba alyşa kabul edilen aýynyň yzyndan gelýän aýyň birinden başlanýar we bu obýektiň bahasynyň üstüniň doly ýapylmagyna ýa-da eýeçilik hukugynyň ýa-da beýleki zat-emläk hukugynyň tamamlanmagy sebäpli şol obýektiň hasaphançylyk hasaba alyşdan hasapdan öçürilmegine çenli hasaplanyp goşulýar.

Esasy serişdeleriň obýekti boýunça amortizasiýa geçirimleri şu obýektiň bahasynyň üsti doly ýapylan ýa-da şol obýektiň hasaphana hasaba alyşdan hasapdan öçürilen aýynyň yzyndan gelýän aýyň birinden tamamlanýar.

Degişlilikde, ýylyň dowamynda hasapdan öçürilen esasy gaznalar boýunça 3 we 4-nji sütünde hasabat ýylynda olaryň hasapdan öçürilmegine çenli şol gurama tarapyndan hasaplanyp goşulan amortizasiýa hasaba alynýar. 3 we 4-nji sütünde ýylyň dowamynda gelip gowşan, başga guramalarda ulanyşda bolan esasy gaznalara hasaplanyp goşulan amortizasiýa olaryň şu guramada hasaphana hasaba alşyna kabul edilmegine çenli döwür üçin hasaba alynmaýar.

3 we 4-nji sütünleriň maglumatlarynyň degişli setirler boýunça jemi 1-nji bölümiň 8-nji sütündaky maglumatlara deň bolmaly. Hasaplanyp goşulan amortizasiýa baradaky

maglumatlar hasaphana balansynyň 1 formasynyň 021 setiriniň 4-nji sütündaky maglumatlara gabat gelmeli.

5-nji sütünde amortizasiýanyň hasaba alynýan aýratyn hasabynda toplanýan esasy gaznalaryň amortizasiýa geçirimleriniň (amortizasiýa serişdeleriniň) pul möçberleriniň ýylyň dowamynda ulanylan bölegi görkezilýär.

6-njy sütünde ýylyň dowamynda ulanylan amortizasiýa serişdeleriniň esasy gazna maýa goýum etmek, ýagny hususy ulanyş üçin niýetlenen esasy gaznalaryň edinilmegi we döredilmegi (gurulmagy, taýýarlanmagy we ösdürilmegi) üçin ulanylan bölegi (olaryň abatlaýşyna harçlanan serişdeleri hasaba almazdan) görkezilýär. Guramalar tarapyndan başga çeşmelerden alnan amortizasiýa serişdeleri olaryň ýylyň dowamynda ulanylan ýagdaýynda 5-nji sütünde we maýa goýum maksatlaryna ulanylanda – 6-njy sütünde hasaba alynýar.

7-nji sütünde esasy gaznalaryň düýpli abatlaýşyna edilen harajatlar şöhlelendirilýär. Maşynlaryň, enjamlaryň we transport serişdeleriniň düýpli abatlaýşy diýlip abatlaýyşyň ýygylygy bir ýyldan köp bolan görnüşi hasap edilýär, şunda, adatça, agregatyň doly sökülişi, könelen ähli bölekleriň we şaýlaryň çalşygy ýa-da dikeldişi, binýatlyk we korpus bölekleriň we şaýlaryň abatlaýyşy, könelen ähli bölekleriň we şaýlaryň täzelerine we has kämillerine çalşygy ýa-da dikeldişi, agregatyň ýygnaýyşy, sazlanyşy we synalyşy amala aşyrylýar. Binalaryň we desgalaryň düýpli abatlaýşynda gulluk möhleti şu obýektde iň ulusy bolan esasy gurnamalaryň (binalaryň daş we beton binýatlary, ýerasty torlaryň turbalary, köprüleriň söýgetleri we ş.m.) doly çalşyrmasyndan başga, abatlanýan obýektleriň ulanyş mümkinçiliklerini gowulandyrýan könelen gurnamalaryň we bölekleriň çalşygy ýa-da olaryň has berklerine we tygşytlylaryna çalşyrylmagy amala aşyrylýar

212 – 213 setirler boýunça ýylyň dowamynda şu guramanyň işiniň esasy, şeýle hem beýleki görnüşlerine degişli bolan esasy gaznalaryň abalaýşyna edilen harajatlar görkezilýär. 212 setir boýunça esasy gaznalaryň abatlaýşynyň ähli, şol sanda düýpli görnüşlerine edilen, 213 setir boýunça bolsa – binalaryň we desgalaryň düýpli abatlaýşyna edilen harajatlar görkezilýär.

3-nji bölümiň 226 setiriniň görkezijileri 1-nji bölümde 028 we 030-033 setirler boýunça görkezilen esasy serişdelere degişli.

## 4 Bölüm. Esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk gymmaty

Doldurmada esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk bahasynyň esasy serişdeleriň hasabat ýylynyň başyndaky we ahyryndaky bahasynyň ýarysynyň we esasy serişdeleriň hasabat ýylynyň ähli beýleki aýlarynyň birindäki ýagdaýyndaky bahasynyň goşulmagy bilen alnan pul möçberiň 12-ä bölünmeginden alnan netije hökmünde kesgitlenýändigini göz öňünde tutmak gerek. 320 setirleriň maglumatlary degişlilikde 020, 040 we 050 setirler boýunça görkezilen maglumatlardan ugur alnyp hasaplanýar. Oba hojalyk kärhanalary 2-nji sütüni doldurmaýarlar.

## 5 Bölüm. Esasy serişdelere degişli bolmadyk beýleki aktiwler

Hasabat ýylynyň başy we ahyry ýagdaýynda esasy serişde bolup durmaýan aktiwler barada maglumatlar getirilýär.

403 setir boýunça 07 „Gurluşa goýulan enjam“ hasabynda hasaba alynýan enjamlar, 404 setir boýunça bolsa – 08 „Düýpli maýa goýumlar“ hasabynda hasaba alynýan gutarylmadyk gurluşyk şöhlelendirilýär.

410-420 setirler boýunça kärhananyň (guramanyň) maddy däl aktiwleri görkezilýär.

„Oýlap döretmäge hukuk we beýleki aňlaýyş ukyply (senagat) desgalaryna meňzeş eýeçilige bolan hukuklary“ 411 setir boýunça önümçiligiň syrlaryny düzýän oýlap tapmalara,

senagat nusgalaryna, tehniki, guramaçylyk we täjirçilik maglumatlaryna (patentler, ygtyýarnamalar, nou-hau, maksatnama önümleri we ş.m.) bolan hukuklaryň we beýleki eýeçilik hukuklaryň bahasy hasaba alynýar.

„Tebigy baýlyklary ulanma hukuklary“ maddasy 412 setiri boýunça ýer böleklerini, tebigy resurslary (suw, ýerasty baýlyklar we beýl.), binalary we enjamlary ulanmaga bolan hukuklaryň bahasy görkezilýär.

„Guramaçylyk çykdajylary“ maddasynda 413 setirde esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda gatnaşyjylaryň şu kärhananyň düzgünnamalaýyn maýasyna eden goýumlary diýlip kabul edilen kärhanany döretmek boýunça çykdajylaryň, şol sanda kärhananyň döwlet hasaba alşy, monolpol hukuklary we artykmaçlyklar, şol sanda işiň belli bir görnüşlerine ygtyýarnamalar, broker ýeriini ulanmak hukugy, söwda markalary, haryt bellikleri we hyzmat ediş bellikleri üçin tölegleriň jemi şöhlelendirilýär.

„Başgalar“ maddasy 414 setir boýunça türgenler we ýazarlar bilen baglaşylan geçirilýän şertnamalar, entek öndürilmedik maddy aktiwleriň satyn alynmagyna opsionlar (ylalaşyklar), satyn alnan „gudwill“ – satyn alnan kärhananyň bahasy we onuň borçnamalarynyň aýrylmagy bilen onuň aktiwleriniň jemi, şeýle hem beýleki toparlara goşulmadyk maddy däl aktiwler görkezilýär.

420 setir boýunça maddy däl aktiwleriň hasabat ýylynyň başyna we ahyryna toplanan tutuş könelme şöhlelendirilýär.

430 setir boýunça aýlanşyk serişdelerine geçirilen esasy serişdeleriň bahasyny (balans bahasy boýunça) görkezmek zerur: „Ýylyň başyna“ grafasynda – geçen ýylda, „Ýylyň ahyryna“ sütüninde – hasabat ýylynda.

Hasabat doldurylandan soň, formadaky gönükdirmelere we gözükdirijilere laýyklykda maglumatlaryň logiki we hasap gözegçiligini geçirmek gerek.

Hasabat 1-nji bölümiň 10 we 11-nji sütünlerinden, 2-nji bölümiň 2-nji sütünden we 5-nji bölümiň 3-nji sütünden başga, esasy serişdeleriň balans bahalandyrylyşynda düzülýär.

Gymmatlyk görkezijileri oturdan soň bir belgä çenli takyklyk bilen müň manatda görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**